# Wesýet berýär geçmişim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Wesýet berýär geçmişim WESÝET BERÝÄR GEÇMIŞIM



Güneş dogýar, Gündogardan,
Batyp ýörse Günbatarda.
Nädip özüň saklarsyň,
Näkes biri söz gatar-da.
Ýaşamakdyr gözellik,
Bu bedeniň sagdynka,
Ölmezligi isledim
Ajal meniň ýa:gymka.

Kitap gatyn açamok,
Niçik boldum sowatly?
Pikirlerim düşnüksiz
Siziň üçin sowukdy.

Neneň söýgüm ýaşasyn,
Ýaşadykça ýalanlar.
Nädip özüm saklaýyn,
Duşman hetden aşdykça.

Dert üstüne dert goşup,
Ezýet berse geçmişim.
Size neneň bilemok,

Wesýet berýär geçmişim.

✍Amangözel Gurbanowa Goşgular